# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI BARADAKY ÇARÇUWALY KONWENSIÝASY

Howanyň üýtgemegi we onuň ýaramaz netijeleri adamzat üçin bütindünýä meseleleriniň biri bolup durýar. Adam işjeňliginiň netijesinde, parnik gazlarynyň atmosferadaky konsentrasiýasy ep-esli ýokarlandy. Bu bolsa tebigy parnik täsirini güýçlendirýär, ýer üstüniň hem-de atmosferanyň goşmaça gyzmagyna getirýär we tebigy ekoulgamlara, adamzada ýaramaz täsir edip biler. Bütindünýä parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň iň uly paýy ösen ýurtlara düşýär, ösýän ýurtlarda adam başyna düşýän zyňyndylar ýokary däl.

## TARYHY:

Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasy 1992-nji ýylyň 9-njy maýynda Braziliýanyň Rio de Janeýro şäherinde geçirilen Durnukly ösüş boýunça Bütindünýä sammitinde kabul edildi we 1994-nji ýylyň 21-nji martynda güýje girdi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasy howanyň üýtgemeginiň öňüni almak üçin tagallalary birleşdirmäge we howada parnik gazlarynyň mukdaryny has ygtybarly derejede durnuklaşdyrmagy gazanmaklyga gönükdirilendir. 1995-nji ýylda Berlinde geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy Taraplaryň 1-nji maslahatynda halkara jemgyýetçiligi parnik gazlarynyň atmosferada köpelmegini çäklendirmek üçin ädimme-ädim hereket etmek we daşky gurşaw-ykdysady gatnaşyklar ulgamyny döretmek kararyna gelindi.

1997-nji ýylyň dekabrynda Ýaponiýanyň Kioto şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy Taraplaryň 3-nji maslahatynda ösen we geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň atmosfera antropogen parnik gazlarynyň zyňyndylaryny çäklendirmek we azaltmak boýunça

mukdar borçnamalaryny kesgitlemek barada Kioto teswirnamasy kabul edildi (Kioto teswirnamasy B goşundy).

2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçirilen 21-nji maslahatynda 2020-nji ýyldan soňky ýyllarda atmosferadaky kömürturşy gazyny azaltmaklyk üçin dolandyryş çäreleri boýunça Pariž ylalaşygy kabul edildi. Bu Ylalaşyk Kioto teswirnamasynyň ornuny tutmak üçin taýýarlandy, hem-de 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda ylalaşyk esasynda kabul edilip, 2016-njy ýylyň 22-nji aprelinde gol çekildi. Ylalaşygyň maksady (2-nji madda laýyklykda) Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň "durmuşa geçirilmegini güýçlendirmek", hususan-da bütindünýä (global) ortaça temperaturanyň ýokarlanmagyny 2°C-dan aşakda saklamak we temperaturanyň ýokarlanmagyny 1,5°C çäklendirmekden ybaratdyr.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasyny1995-nji ýylda we 1998-nji ýylda Kioto teswirnamasyny tassyklady. 2016-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda Türkmenistan Pariž ylalaşygyny tassyklady.

**ESASY MAKSADY:**

Konwensiýanyň we oňa degişli ähli hukuk resminamalarynyň esasy maksady, klimat ulgamyna howply antropogen täsiriň öňüni alyp biljek derejede atmosferadaky parnik gazlarynyň konsentrasiýasyny durnuklaşdyrmakdyr. Bu dereje ekoulgamlara howanyň üýtgemegine tebigy taýdan uýgunlaşmaga, azyk önümçiligine howp salman we durnukly esasda ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin ýeterlik möhletde gazanylmalydyr.

**KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasyny tassyklandan soň, Türkmenistan şu aşakdaky borçnamalary öz üstüne aldy:

- ýurtda geçirilýän çäreleriň we işleriň ähli görnüşleri baradaky maglumatlary öz içine alýan Milli habarnamalary Konwensiýanyň sekretariatyna wagtly-wagtynda ibermeli, ýagny: antropogen parnik gazlarynyň zyňyndylaryny hasaba almak; parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň çäklendirilmegine we azalmagyna getirýän çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek; howanyň üýtgemeginiň daşky gurşaw ulgamlaryna we jemgyýetiň durmuş-ykdysady ýaşaýyş şertlerine edýän täsirine baha bermek;
- Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň Taraplaryna parnik gazlarynyň zyňylmalarynyň çeşmelerinden we siňdirilmelerinden çykýan antropogen zyňyndylarynyň milli ýyllyk sanawy barada maglumat bermek;
- parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegine ýardam berýän milli maksatnamalary işläp düzmek we durmuşa geçirmek;
- Taraplara howanyň üýtgemegi we oňa uýgunlaşmak üçin iň oňat tejribeler barada ylmy we tehniki maglumatlary bermek;
- Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň adaty býujetine goşant goşmak üçin maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmek.